Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#40 (323)

пятница, 23 октября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

23-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.

Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegiň, şeýle hem kabul edilen kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça netijeli işleri alyp barmagyň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ýurdumyzyň standartlaşdyryş ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda milli standartlaşdyrmak ulgamyny kämilleşdirmek, döwrebap standartlary giňden ornaşdyrmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu ugurda halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew ýurdumyzyň dokma senagatynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dokma senagatyna degişli önümçilik toplumlarynda ýokary hilli dokma önümleriniň öndürilýändigini we daşary ýurtlara giňden eksport edilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň dokma kärhanalarynyň Polşa Respublikasynda geçiriljek halkara sergä gatnaşmagy boýunça taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň noýabrynda Aşgabat şäherinde «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly V halkara teatr festiwalyny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, bu festiwala gatnaşmak üçin daşary ýurtlaryň birnäçe teatr toparlarynyň ýurdumyza gelmegine garaşylýar. Aşgabat we Arkadag şäherleriniň teatrlarynda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň teatrlarynyň sahna oýunlarynyň görkezilişini geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem teatr ýolbaşçylarynyň we döredijilik işgärleriniň gatnaşmaklarynda teatr sungatyny ösdürmek we hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça iş maslahaty guralar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda milli teatr sungatyny ösdürmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny belledi we şunuň bilen baglylykda, wise-premýere «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly V halkara teatr festiwalyna gowy taýýarlyk görmegi hemde ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow şu ýylyň noýabrynda Aşgabat şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän «Halkara zähmet standartlaryny we durnukly ösüşi öňe sürmekde kärdeşler arkalaşyklarynyň orny» atly halkara ylmy-amaly maslahata hem-de Halkara Zähmet Guramasy bilen bilelikde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň kärdeşler arkalaşyklarynyň ýolbaşçylarynyň sebitara forumyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, döwletimiziň dünýäniň abraýly halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berýändigini belledi we şunuň bilen baglylykda, wise-premýere Aşgabat şäherinde geçiriljek halkara ylmy-amaly maslahata hem-de sebitara foruma gowy taýýarlyk görmegi we ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzyň halkara howa menzilleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň raýat awiasiýasy pudagynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de halkara kadalara laýyk gelýän döwrebap hyzmatlary ýola goýmaga aýratyn üns berilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň halkara howa menzilleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЁННЫХ НАЦИЙ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Генеральному секретарю Организации Объединённых Наций Антониу Гутерришу по случаю Дня Организации Объединённых Наций.

Подчеркнув, что развитие конструктивного сотрудничества с Организацией Объединённых Наций и её специализированными учреждениями является одним из стратегических направлений внешней политики Туркменистана, глава государства подтвердил готовность к дальнейшему расширению сотрудничества с Организацией Объединённых Наций во имя обеспечения мира и развития в регионе и во всём мире.

Пользуясь возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Генеральному секретарю ООН Антониу Гутерришу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а также передал тёплые поздравления и пожелания новых успехов сотрудникам Секретариата ООН.

GRUZIÝANYŇ WE MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLERINIŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 23-nji oktýabrynda Batumi şäherinde Gruziýanyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň — Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň daşary işler ministrleriniň duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary syýasy, söwda-ykdysady we ulag-energetika ulgamlarynda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Merkezi Aziýa bilen Gara deňiz sebitini birleşdirýän ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmäge aýratyn üns berildi. Ministrler deňiz portlaryny we demir ýol ulgamlaryny goşmak bilen, döwletleriň logistika infrastrukturasynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagyň strategik ähmiýetini bellediler.

Şu nukdaýnazardan, türkmen tarapy Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Gruziýanyň arasynda özara bähbitli sebitara hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça birnäçe anyk teklipleri öňe sürdi. Hususanda, Halkara awtomobil ulaglary birleşigi, Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasy we Halkara deňiz guramasy ýaly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmegiň zerurdygy bellenildi.

Türkmenistanyň tekliplerini durmuşa geçirmek üçin zerur bolan toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlamagyň ähmiýeti nygtaldy. Mundan başga-da, hyzmatdaşlygyň aýratyn ugry hökmünde türkmen tarapy Gruziýanyň mümkinçiliklerinden, şeýle hem strategik ähmiýetli taslamalardan peýdalanmagy teklip etdi.

Telekommunikasiýa ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň daşary işler ministri telekommunikasiýa torlaryny gurmak, şol sanda Hazar — Gara deňiz geçelgesi boýunça optiki-süýümli kabeli çekmek taslamasyna ünsi çekdi.



Duşuşyk sebitde üstaşyr ulag mümkinçiliklerini ösdürmek, hereket edýän ulag ugurlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we sebitara gatnaşyklary giňeltmek meselelerinde ýurtlaryň arasyndaky özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam berdi.

Çäräniň maksatnamasynyň çäklerinde gatnaşyjylar üçin Batumi deňiz portuna tanyşlyk saparlary guraldy. Bu saparlar Gruziýanyň deňiz gatnawlary, ulag infrastrukturasynyň ösüşi we sebit logistikasynyň mümkinçilikleri bilen ýakyndan tanyşmaga şert döretdi.

ВСТРЕЧА МИНИСТРОВ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И ГРУЗИИ



22 октября 2026 года в Батуми состоялась встреча Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана господина Рашида Мередова с Вице-премьером, Министром иностранных дел Грузии госпожой Макой Бочоришвили.

В ходе встречи министры подчеркнули значимость государственного визита Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в Грузию, состоявшегося в июле текущего года.

Стороны обсудили перспективы развития двусторонних отношений в политико-дипломатической, торгово-экономической, транспортно-логистической и гуманитарной сферах.

В этом контексте была отмечена важность раскрытия потенциала существующих транспортных коридоров и расширения транзитных возможностей.

Отдельное внимание было уделено взаимодействию в рамках ООН и других международных организаций.

В завершение встречи Стороны подтвердили заинтересованность в дальнейшем укреплении двусторонних отношений и выразили готовность продолжать конструктивный диалог по актуальным вопросам сотрудничества.

SOLEMN EVENT MARKING UNITED NATIONS DAY HELD IN ASHGABAT

On 23 October 2026, a solemn event marking United Nations Day was held at the UN building in Ashgabat. United Nations Day is observed annually on 24 October to commemorate the entry into force of the UN Charter.

The event was organized by the Office of the UN Resident Coordinator in Turkmenistan with the support of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. It was attended by representatives of relevant ministries and agencies of the country, as well as members of the mass media.

The event was opened with addresses by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Mähri Bäşimowa and UN Resident Coordinator in Turkmenistan Grace Wang.

Their remarks emphasized the pivotal role of the United Nations in maintaining international peace and security, strengthening international cooperation and promoting sustainable development. It was noted that Turkmenistan regards the UN as a universal and legitimate international organization that plays a central role in addressing pressing global issues on the basis of international law and the principles of the UN Charter.

Particular attention was paid to the strategic nature of Turkmenistan's longstanding cooperation with the United Nations, which covers a broad range of areas, including international peace and security, sustainable development, environmental protection, transport, energy, humanitarian cooperation and the protection of human rights.

It was emphasized that Turkmenistan consistently advocates strengthening multilateral diplomacy, expanding international dialogue and enhancing the role of the United Nations in addressing contemporary challenges. In this context, particular importance was attached to the country's initiatives aimed at fostering a culture of peace and trust, advancing preventive diplomacy and promoting the principles of neutrality on the international stage.

The event served as a further reaffirmation of Turkmenistan's commitment to the goals and principles of the Charter of the United Nations, as well as the country's readiness to continue constructive cooperation with the UN in the interests of peace, security and sustainable development.



«ENE TEBIGAT» ATLY HALKARA SUNGAT SERGISINIŇ AÇYLYŞ DABARASY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Aşgabatda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewanyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewanyň gatnaşmaklarynda we gurnamaklarynda "Ene tebigat" atly halkara sungat sergisiniň açylyş dabarasy boldy.

Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewany Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa mähirli garşylady.

Ýokary derejeli myhmanlary kabul ediş binasynda Haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidentiniň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysynyň arasynda gysga wagtlyk söhbetdeşlik geçirildi.

Oguljahan Atabaýewa myhmany sahawatly türkmen topragynda görýändigine şatdygyny aýdyp, meýilleşdirilen çäreleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Saida Mirziýoýewa mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Türkmenistanda geçirilýän halkara çärelere gatnaşmagyň özi üçin uly hormatdygyny belledi.

"Oguzkent" myhmanhanasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewanyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewanyň üçtaraplaýyn duşuşygy boldy.

Ýokary derejeli myhmanlary Aşgabatda görýändigine örän şatdygyny aýdyp, Oguljahan Atabaýewa doganlyk, goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklara aýratyn gadyr goýýandygyny belledi.

Haýyr-sahawat gaznasynyň derejesinde çagalaryň ekologiýa taýdan sowatlylygyny ýokarlandyrmak ugrunda zerur tagallalaryň edilýändigini belläp, gaznanyň wise-prezidenti ösüp gelýän ýaş nesillerde tebigata we daşky gurşawa aýawly çemeleşmek endigini ösdürmäge zerur üns berilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, "Ene tebigat" halkara sungat sergisiniň diňe bir biziň medeniýetlerimiziň özara baýlaşmagyna mynasyp goşant bolman, eýsem, onuň jemgyýetçiligiň, hususan-da, ösüp gelýän ýaş nesilleriň ünsüni ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegine çekjekdigine ynanýaryn» diýip, Oguljahan Atabaýewa nygtady.

Gaznanyň wise-prezidenti duşuşyga gatnaşýan ýokary derejeli myhmanlara durnukly ösüşe mynasyp goşant goşmak ugrunda edilýän tagallalar üçin ýene bir gezek sagbolsun aýtdy.

Soňra Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewa türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik we meýilleşdirilen çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Türkmenistanda ekologiýa sagdynlygyny üpjün etmek, ösüp gelýän nesillerde tebigata bolan söýgini pugtalandyrmak ugrunda alnyp barylýan işlere ýokary baha bermek bilen, belent mertebeli myhman bu ugurda tejribe alyşmagyň we gatnaşyklary mundan beýläk-de işjeňleşdirmegiň hem-de bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň ägirt uly geljeginiň bardygyny belledi.

Üçtaraplaýyn duşuşygyň dowamynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewa, ilki bilen, bu ýerde mähirli kabul edilendigi we meýilleşdirilen çäreleriň guramaçylykly geçirilýändigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza alkyş sözlerini aýtdy.

Saida Mirziýoýewa Türkmenistanda köpçülikleýin bag nahallarynyň ekilmegine aýratyn üns berilmeginiň ähmiýeti barada aýdyp, bu işleriň tebigaty goramakda, ýaşlarda zähmetsöýerlik endiklerini pugtalandyrmakda ähmiýetlidigini nygtady.

Döwlet çeperçilik akademiýasynyň sergi zalynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň goldaw bermeginde Azerbaýjanyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasy tarapyndan guralýan "Ene tebigat" atly halkara sungat sergisiniň açylyş dabarasy boldy.

Bu çärä doganlyk ýurtlaryň wekiliýet toparlarynyň agzalary, daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, medeniýet we sungat işgärleri gatnaşdylar.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa çykyş edip, şu günki çärä gatnaşýan myhmanlara bu ähmiýetli çärä gatnaşmak baradaky çakylygy kabul edendikleri üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Halkara sungat sergisiniň esasy mowzugynyň tebigatdygyny belläp, Oguljahan Atabaýewa adam bilen tebigatyň arasyndaky sazlaşygyň durnukly ösüşiň aýrylmaz şertidigini nygtady.

Oguljahan Atabaýewa türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de hemmelere berk jan saglygyny, bagtyýarlygy, maşgala abadançylygyny, şeýle hem alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw edip sözüni jemledi.

Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewa Aşgabatda «Ene tebigat» atly serginiň geçirilmegine döredilen mümkinçilikler we berlen ýardam-goldawlar üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa hoşallyk sözlerini aýtdy.

Bu ýerde guralan halkara çärä gatnaşýan Leýla Aliýewa "Ene tebigat" atly halkara sungat sergisiniň häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmekde halkara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine we bu ugurda täze başlangyçlaryň hem-de bilelikdäki taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine giň ýol açjakdygyna ynam bildirdi.

Soňra dabaralar Türkmenistanyň Milli haly muzeýinde dowam etdi.

Bu ýerde muzeý işgärleri türkmen halylarynyň taryhy, olaryň dokalyş aýratynlyklary we halylaryň reňkleriniň sazlaşygy barada gürrüň berdiler.

Şeýle hem bu ýerde türkmen milli lybaslarynyň görkezilişi boldy.

Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewa hem-de Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewa ak mermerli Aşgabatda geçirilen çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi üçin hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, bu çäreleriň özlerinde ýakymly täsirleri galdyrandygyny nygtadylar.

Soňra Halkara howa menzilinden Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Azerbaýjan Respublikasynyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasynyň wise-prezidenti Leýla Aliýewany we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Diwanynyň ýolbaşçysy Saida Mirziýoýewany uly hormat bilen ugratdy.

TÜRKMENISTANYŇ WE KATAR DÖWLETINIŇ DAŞARY SYÝASAT EDARALARYNYŇ ARASYNDA SYÝASY GEŇEŞMELER GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 20-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň we Katar Döwletiniň daşary syýasat edaralarynyň arasynda syýasy geňeşmeler geçirildi.

Geňeşmelerde türkmen tarapyna Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow, katar tarapyna bolsa Katar Döwletiniň Daşary işler boýunça döwlet ministri Soltan bin Saad Al-Muraýhi wekilçilik etdiler.

Geňeşmeleriň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça giňişleýin pikir alşyldy.

Ýokary we iň ýokary derejelerdäki özara saparlary guramak meselelerine aýratyn üns berildi. Bu saparlaryň syýasy-diplomatik dialogy pugtalandyrmaga ýardam berjekdigi bellenildi. Şeýle hem taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň mümkinçiliklerine, şeýle-de köptaraplaýyn meýdançalarda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak meselelerine garadylar.

Duşuşygyň çäklerinde özara gyzyklanma bildirilýän möhüm sebit we halkara meseleleri boýunça hem pikir alşyldy. Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň parahatçylyk

(Dowamy 4-nji sahypada).

PRESENTATION OF A BOOK BY THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN IN THE AZERBAIJANI LANGUAGE HELD AT THE INSTITUTE OF INTERNATIONAL RELATIONS OF THE MFA OF TURKMENISTAN

On October 21, 2026, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a presentation



of a book by the President of Turkmenistan, Serdar Berdimuhamedov, titled "Neutrality of Turkmenistan: A Bright Path of Peace and Trust," published in the Azerbaijani language.

The event was attended by officials and representatives from the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, the diplomatic corps accredited in the country and members of the scientific and academic community.

During the presentations, speakers highlighted the consistency of the positive foreign policy course pursued by Neutral Turkmenistan, as well as the country's significant role in addressing pressing issues on the international agenda. The importance of the philosophy of neutrality in promoting constructive international initiatives, a theme reflected in the President's book, was underscored.

Special attention was given to the development of Turkmen-Azerbaijani relations, which are rooted in the historical, cultural and spiritual affinity between the two brotherly nations.

Furthermore, participants noted the importance of cultural and humanitarian cooperation, including the international art exhibition "Mother Nature," organized by the Gurbanguly Berdimuhamedov Charitable Foundation for Assistance to Children in Need of Care, in collaboration with the Heydar Aliyev Foundation of the Republic of Azerbaijan.

It was noted that the translation and publication of significant works in the languages of friendly nations contribute to deepening mutual understanding, expanding scientific and cultural exchange, and introducing a broader audience to the history, values and foreign policy priorities of Turkmenistan.

The book presentation served as an important milestone in the development of cultural and humanitarian cooperation between Turkmenistan and the Republic of Azerbaijan, reaffirming the significance of further strengthening ties in the fields of science, education and culture.

TÜRKMENISTANYŇ WE KATAR DÖWLETINIŇ DAŞARY SYÝASAT EDARALARYNYŇ ARASYNDA SYÝASY GEŇEŞMELER GEÇIRILDI

(Başlangyjy 3-nji sahypada).

söýüjilik, özara hormat goýmak we taraplaryň bähbitlerini nazara almak ýörelgeleri esasynda konstruktiw hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ygrarlydyklary tassyklanyldy.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşylanda, taraplar işewürlik gatnaşyklaryny giňeltmek, maýa goýum hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp geçdiler. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň döwlet edaralarynyň, işewür toparlarynyň we degişli guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda işewürlik forumlaryny, iş duşuşyklaryny we tematik tegelek stollary geçirmek maksadalaýyk diýlip bellenildi. Şeýle hem energetika, sanly tehnologiýalar we



syýahatçylyk ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu wezipeleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmeginde Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-katar bilelikdäki hökümetara toparynyň möhüm orny bellenildi.

Gün tertibinde medeni-ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmek meselelerine hem uly orun berildi. Hususan-da, özara Medeniýet günlerini geçirmek, bilim we sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, bilelikdäki medeni çäreleri guramak mümkinçiliklerine garaldy.

Geňeşmeleriň netijeleri boýunça taraplar türkmen-katar hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürmäge özara gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.



В Вене состоялся торжественный приём по случаю 35-й годовщины независимости Туркменистана

Вена, 21 октября 2026 года - Посольство Туркменистана в Австрийской Республике организовало торжественный приём в Венской ратуше (Rathaus) по случаю 35-й годовщины независимости Туркменистана.

В мероприятии приняли участие представители Правительства Австрии, в том числе Председатель Федерального совета Парламента Австрии, главы международных организаций, расположенных в Вене, представители дипломатического корпуса, деловых кругов, а также туркменской диаспоры в Австрии.

Приём стал поводом отметить знаменательную дату в современной истории Туркменистана, подвести итоги развития страны за годы независимости, обретённой в 1991 году, и подчеркнуть приверженность Туркменистана идеалам мира, устойчивого развития и конструктивного международного сотрудничества.

В своём выступлениии Посол Туркменистана выразил признательность австрийской стороне и всем присутствовавшим гостям за участие в мероприятии. Он подчеркнул значимость дальнейшего укрепления традиционно дружественных отношений между Туркменистаном и Австрией, в том числе посредством расширения политического диалога, развития торгово-экономического сотрудничества, культурных обменов и контактов между народами.

Особое внимание в выступлении было уделено основным приоритетам внешней политики Туркменистана, основанной на принципах постоянного нейтралитета, мирного сосуществования, уважения суверенного равенства государств и неукоснительного соблюдения Устава Организации Объединённых Наций. В контексте 81-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН была отмечена важность продвижения культуры мира и доверия, развития превентивной дипломатии и укрепления многостороннего взаимодействия в целях решения актуальных международных вопросов.

В ходе приёма гости также получили возможность ознакомиться с богатым культурным наследием Туркменистана, его национальными традициями и достижениями современного развития. Мероприятие способствовало укреплению взаимопонимания и расширению контактов между представителями государственных органов, дипломатических миссий, международных организаций, деловых кругов и туркменской диаспоры.

Проведение торжественного приёма подтвердило заинтересованность Туркменистана в дальнейшем развитии дружественных отношений с Австрией и укреплении международного сотрудничества на основе взаимного уважения, доверия и приверженности общим целям обеспечения мира, стабильности и устойчивого развития.

Посол Туркменистана встретился с заместителем министра иностранных дел Саудовской Аравии

21 октября 2026 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Королевстве Саудовская Аравия Мухамметгелди Аязова с заместителем министра иностранных дел Королевства Саудовская Аравия по политическим вопросам доктором Саудом бин Мухаммедом Аль-Сати.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по вопросам расширения взаимовыгодных отношений в политической, торгово-экономической и гуманитарной сферах, а также дальнейшей активизации сотрудничества между двумя странами.

Стороны также рассмотрели вопросы проведения очередного заседания Совместной туркмено-саудовской межправительственной комиссии по экономическому сотрудничеству, а также политических консультаций между министерствами иностранных дел двух стран.

Кроме того, была достигнута договорённость о проведении взаимных Дней культуры, а также осуществлении соответствующих мероприятий, направленных на укрепление сотрудничества в области науки и образования.

Встреча состоялась в рамках дипломатического диалога, направленного на дальнейшее развитие и укрепление двусторонних отношений между двумя государствами.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.